# Yagdaý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yagdaý ÝAGDAÝ

Her gün ýene adaty gün dogup dur,
Peýdamydyr jürküldisi guşlaryň?!
Ünjilerem nobatyna gelip dur,
Gatnawlary deýin awtobuslaryň.

Güneş meni däl-de, gyzdyrýar ýeri
Gursagymda doňup galan parçalar.
Oýa batdym.
Bu aýazly gyş güni
Meniň ýaly üşeýärmi arçalar?

Jogaby ýok soraglara kän gitdim,
(Ýalňyzlara ýetdirmedik yşk kimde?)
Rahatlygy kagyz ýüzde şa etdim,
Pikirleriň ynjalyksyz köşgünde.

Göwünlik berdim-de, gaýtalap ýördim
Diňlenmedik ykbalymyň käkesin.
Hiç kime bildirmän, gizlenip iýdim
Yşgyň sowgat beren gussa kökesin.

Her ädimde şowsuzlygyň ýarydym,
Duşmasa-da pişikleriň garasy.
Diňe meniň üçin ýanýan ýalydy,
Köçeleriň her gijeki çyrasy.

Arzuwlam – eýläpdi bulutlaň törün,
Umytlarym ynanjaň hem sadady.
Emma, häzir şeýle ýagdaýda durun:
Ýalňyzlykdan ýadawlygym ýadady… Goşgular